# Durdy han

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Durdy han DURDY HAN




Gurt tutupsyñ gutly bolsun diýeli,
Gandy, şeker, hesel, nabat iýeli,
Silkip-silkip hülle donlar geýeli,
Toýuñ toýdan gutly bolsun, Durdy han.
Segsen müñ ner bersin segseniñ darga,
Kiýapatyñ ýetsin aña-aryga,
Bazara ugrasañ hülleli ýorga,
Toýuñ toýdan gutly bolsun, Durdy han.

Hydyr gören seniñ tohumyñ-tijiñ,
Arañyzda bolmaz bir malsyz ajyñ,
Goltugyndan girsin kömegiñ-güýjüñ,
Toýuñ toýdan gutly bolsun, Durdy han.

Körmollanyñ aýdan dilegi biter,
Toýuñyz köp bolsun mundanam beter,
Bir halat salmazmy şu uzyn hatar,

Toýuň toýdan gutly bolsun, Durdy han.

Suhanberdi KÖRMOLLA. Goşgular